# Saňa bolan yşkymdan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Saňa bolan yşkymdan SAÑA BOLAN YŞKYMDAN



Söýgä kalbym baglan men,
Saňa bolan yşkymdan.
Ýoklugyňda aglan men,
Saňa bolan yşkymdan.
Bagry ýanan boldum men,
Sensiz gury saldym men,
Güldüm, solup galdym men,
Saňa bolan yşkymdan.

Görsem diýýän şunçalar,
Açylanda gunçalar,
Umyt baglap ençeler,
Saňa bolan yşkymdan.

Düşünmediň dünýäme,
Düşme indi dünýäme,
Ynandym. Günäm näme?
Saňa bolan yşkymdan.

Kirpigimde doňan ýaş,
Aýralyga boldy baş.
Dogmazmy indi kuýaş,
Saňa bolan yşkymdan.

Oguljennet NAZAROWA, Akdepe etraby. Goşgular